**Türkmenistanyň Prezidentiniň**
**2016-njy ýylyň 18-nji martynda**
**çykaran 14669 belgili karary bilen**
**tassyklanyldy**

**Türkmenistanda pagtanyň, bugdaýyň, şalynyň we gant şugundyrynyň önümçiligini maliýeleşdirmegiň we önüm öndürijiler bilen hasaplaşyklary geçirmegiň**
**TERTIBI**

1.Türkmenistanda pagtanyň, bugdaýyň, şalynyň we gant şugundyrynyň önümçiligini maliýeleşdirmegiň we önüm öndürijiler bilen hasaplaşyklary geçirmegiň Tertibi (mundan beýläk – Tertip) ýurdumyzda pagtanyň, bugdaýyň, şalynyň we gant şugundyrynyň (mundan beýläk -oba hojalyk önümleri) öndürilýän möçberini artdyrmak, önüm öndürijileri ykdysady taýdan höweslendirmek maksady bilen işlenilip düzüldi we döwlet tabşyrygy boýunça öndürilen oba hojalyk önümlerini döwlet satyn alyş nyrhlary boýunça ýerleýän önüm öndürijiler (mundan beýläk-önüm öndürijiler) bilen olara hyzmat edýän we oba hojalyk önümlerini satyn alýan kärhanalaryň arasyndaky maliýe-ykdysady gatnaşyklary, özara hasaplaşyklary we karz edaralary (mundan beýläk-karz edaralary) tarapyndan degişli oba hojalyk önümleriniň önümçiliginiň karzlaşdyrylmagyny düzgünleşdirýär.

2.Önüm öndürijiler:

Döwlet tabşyrygy boýunça oba hojalyk önümlerini ösdürip ýetişdirmegiň agrotehniki kadalaryna laýyklykda tehniki hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegini, zerur bolan haryt-maddy gymmatlyklar bilen üpjün edilmegini we hasylyň tehnikanyň kömegi bilen ýygylmagyny - degişli hyzmat ediji kärhanalar bilen;

öndürilen oba hojalyk önümlerini döwlet satyn alyş nyrhlary boýunça ýerlemegi Türkmenistanyň Oba we suw hojalyk ministrliginiň (pagta, bugdaý, şaly) we Türkmenistanyň Azyk senagaty döwlet birleşiginiň (gant şugundyry) garamagyndaky kärhanalary (mundan beýläk-taýýarlaýjy kärhanalar) bilen şertnama baglaşmak esasynda amala aşyrýarlar.

3. Oba hojalyk önümlerini öndürijiler bilen hasaplaşyklary geçirmek üçin, Türkmenistanyň “Daýhanbank” döwlet täjirçilik bankynyň şahamçalarynda önüm öndürijiler üçin hasaplaşyk hasaplary açylýar.

Şahsy tarap (mülkdarlar, kärendeçiler) bolup durýan önüm öndürijiler hasaplaşyk hasabyny açmak we şol hasabyň üstünden tölegleri geçirmek üçin, karz edarasyna şu aşakdaky resminamalary tabşyrýar:

ýer böleginiň kärendä ýa-da eýeçilige berlendigi barada Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda berlen resminamanyň nusgasyny;

hasaplaşyk hasabyny açmak barada arzany;

degişli edara tarapyndan tassyklanylan önüm öndürijiniň golunyň nusgasyny.

Daýhan birleşiklerine we edara görnüşli tarap bolup durýan beýleki önüm öndürijilere hasaplaşyk hasaplary kärhanalar üçin bellenilen umumy tertibe laýyklykda açylýar.

4. Oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin önüm öndürijilere berilýän ýeňillikli bank karzynyň harajatlar boýunça görnüşleri oba hojalyk önümlerini öndürmekde ekiniň 1 gektaryna edilýän harajatlaryň meýilnama hasabyna laýyklykda kesgitlenilýär.

Harajatlaryň galan görnüşleri önüm öndürijileriň öz serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

5.Oba hojalyk önümlerini öndürijiler önümçilik harajatlaryny maliýeleşdirmek üçin berilýän ýeňillikli bank karzyny almak üçin banka şu aşakdaky resminamalary berýärler:

oba hojalyk ekinleriniň ekin meýdanyny görkezmek bilen, ýeňillikli karz ugruny açmak baradaky arzany;

öndürlen önümleri taýýarlaýjy kärhanalara ýerlemek baradaky şertnamanyň nusgalaryny;

önüm öndürijiler bilen hyzmat ediji edara – kärhanalaryň arasynda baglaşylan şertnamalaryň nusgasyny;

önüm öndürmek boýunça daýhan birleşikleri bilen içerki kärende şertlerinde işleýän kärendeçileriň arasynda baglaşylan şertnamalaryň daýhan birleşikleri tarapyndan tassyklanan sanawyny.

6. Oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin daýhan birleşiklerine berilýän karzyň üpjünçiligi hökmünde öndüriljek oba hojalyk önümleri kabul edilýär.

Alnan karzy gaýtarmak üçin öndürilen oba hojalyk önümleri ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda, daýhan birleşikleriniň hasaplaşyk hasaplaryna gelip gowuşýan ähli pul serişdeleri agzalan karzy üzmäge gönükdirilýär.

Oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin daýhan hojalyklaryna, beýleki ýer eýelerine karz serişdeleri berlen ýagdaýynda, karzyň üpjünçiliginiň 85 göterimine öndüriljek önüm we 15 göterimine girew üpjünçiligi kabul edilýär.

Bankda aýratyn hasap açyp işlemek isleýän kärendeçilere oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin karz serişdelerini bermek, karzyň üpjünçiliginiň 85 göterimine öndüriljek önümi we 15 göterimine girew üpjünçiligini almak bilen amala aşyrylýar.

Karz edaralary bilen önüm öndürijileriň arasynda baglaşylan karz we girew şertnamalary döwlet notarial edarasy tarapyndan tassyklanylýar.

7.Bank karzynyň hasabyna hyzmat ediji edara – kärhanalara tölegler hakyky ýerine ýetirilen işler we alnan haryt maddy gymmatlyklar üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli namalary bilen tassyklanylýan, oba hojalyk önümlerini öndürmekde ekiniň 1 gektaryna edilýän harajatlaryň meýilnama hasabynyň çäklerinde geçirilýär.

Ýerine ýetirilen işler we alnan haryt-maddy gymmatlyklar üçin hyzmat ediji edara-kärhanalara tölegler pagta we bugdaý boýunça ýeňillikli bahadan we şaly hem-de gant şugundyry boýunça doly bahadan geçirilýär.

Pagta we bugdaý boýunça hyzmatlaryň we maddy serişdeleriň doly gymmaty bilen ýeňillikli gymmatynyň aratapawudynyň öwezi Türkmenistanyň Oba we suw hojalyk ministrliginiň maksatlaýyn ýörite hasabynyň serişdeleriniň hasabyna dolunýar.

8.Daýhan birleşikleri içerki kärende şertlerinde işleýän kärendeçiler tarapyndan edilen harajatlaryň we alnan girdejileriň hasabyny her bir kärendeçi boýunça aýratynlykda ýöredilýär.

Önümçilik harajatlarynyň we girdejileriniň hasaplarynyň ýöredilmegi üçin daýhan birleşigi tarapyndan kärendeçileriň her birine “Daýhanyň hasap depderçesi” açylyp berilýär.

Açylan karz ugrundan oba hojalyk önümlerini öndürmekligiň önümçilik harajatlary boýunça hyzmat ediji edara-kärhanalara tölegleriň geçirilmegi üçin kärendeçilerden “Daýhanyň hasap depderçesiniň” gol çekilen güwänamalaryny almaklyk daýhan birleşikleri tarapyndan amala aşyrylýar.

“Daýhanyň hasap depderçesi” aşakdaky maksatlar üçin ulanylýar:

“Daýhanyň hasap depderçesi” döwlet tabşyrygy boýunça oba hojalyk önümlerini öndüriji kärendeçiler

üçin niýetlenilýär;

“Daýhanyň hasap depderçesi” önümçilik harajatlaryna (tohum, mineral dökünler, tehniki hyzmat, suw hyzmatlary, ösümlikleri goramak we beýleki harajatlar) karz ugrundan tölegleri geçirmek üçin ulanylýar;

“Daýhanyň hasap depderçesinde” harajatlaryň görnüşleri boýunça aýratynlykda sahypalar ýerleşdirilýär;

“Daýhanyň hasap depderçesiniň” sahypalary harajatlaryň degişli görnüşleri boýunça doldurulýar, onuň bir bölegi kärendeçilerde galýar we bir bölegi hyzmat ediji edara-kärhanalara degişli tölegleri geçirmek üçin daýhan birleşigine berilýär;

“Daýhanyň hasap depderçesinde” kärendeçiniň ýaşaýan ýeri, karz ugrunyň möçberi, hyzmat ediji edara-kärhanalaryň atlary, ýerine ýetirilen işleriň we alnan haryt-maddy gymmatlyklaryň görnüşleri, mukdary, bahasy we geçirilmäge degişli tölegiň möçberi görkezilýär;

“Daýhanyň hasap depderçesiniň” sahypalary kärendeçiler we daýhan birleşigi tarapyndan gol çekilip tassyklanylýar.

9. Oba hojalyk ekinleriniň gögerijiligine önüm öndürijileriň we Türkmenitanyň “Daýhanbank’ döwlet täjirçilik bankynyň agronomlarynyň hem-de hyzmat ediji edara-kärhanalaryň wekilleriniň bilelikde geçiren barlaglarynyň netijesi boýunça gögermedik ýa-da gögerijiligiň hasyl bermejek derejede pes diýlip delilnama esasynda kesgitleme berlen ýagdaýynda, bu ýerleriň geljekde göz öňünde tutulan harajatlary üçin karz ugrunyň hasabyndan tölegleriň geçirilmegini saklamaga karz edaralarynyň hukugy bardyr.

Önümçiligiň netijesi boýunça bergili çykan kärendeçileriň bergileriniň hasabyny ýöretmek we bergileri kärendeçilerden öndürip almak hem-de bergiler boýunça hyzmat ediji edara- kärhanalar bilen hasaplaşyklary geçirmek daýhan birleşikleri tarapyndan alnyp barylýar.

Dürli sebäplere (ýerleriň şorlaşmagy, zeýkeşleriň bolmazlygy, ýerleriň tekiz dälligi, ekin dolanşygynyň geçirilmezligi we beýleki esasly sebäpler) görä 3 ýyl yzygiderli bergili çykan önüm öndürijileriň ekin meýdanlaryna oba hojalyk ekinlerini ekmek işleri, daýhan birleşikleriniň geçiren seljermeleri esasynda hem-de degişli edaralar tarapyndan topragy öwrenmek boýunça geçirilen agrohimiýa barlaglarynyň netijesine laýyklykda kesgitlenilýär.

10. Karz ugrunyň hasabyndan önümçilik harajatlary boýunça tölegleriň geçirilmegi üçin hyzmat ediji edara-kärhanalar tarapyndan önüm öndürijiler we hyzmat edijiler tarapyndan gol çekilip tassyklanan, ýerine ýetirilen işleriň we alnan haryt-maddy gymmatlyklaryň güwänamasy degişli karz edarasyna tabşyrylýar.

Karz edaralary berlen resminamalaryň düzgüne laýykdygyny barlap, 3 (üç) iş gününiň dowamynda memorial order boýunça tölegleri geçirýärler.

Pagta öndürmekde el bilen ýerine ýetirilýän ideg işleri üçin bank karzynyň hasabyna tölegler agrotehnikanyň talabyna laýyklykda aşakdaky möhletlerde hakyky ýerine ýetirilen işler üçin geçirilýär.

ýekelemek - 15-nji aprelden 30-njy maýa çenli;
1-nji otag - 15-nji aprelden 30-njy maýa çenli;
2-nji otag - 30-njy maýdan 10-njy iýuna çenli;
çirtim - 20-nji iýuldan 10-njy awgusta çenli.

Ýerine ýetirilen el işleri üçin tölegler pagta öndürijileriň degişli toparynyň wekiliniň, kärendeçileriň we karz edaralarynyň agronomlarynyň gatnaşmagynda ýerine ýetirilen işler boýunça düzülen delilnamanyň esasynda geçirilýär.

11. Kabul edilip alnan oba hojalyk önümleriniň bahasy boýunça önüm öndürijiler bilen hasaplaşyklary geçirmek üçin Türkmenistanyň Oba we suw hojalyk ministrligine we Türkmenistanyň Azyk senagaty

döwlet birleşigine Türkmenistanyň "Daýhanbank" döwlet täjirçilik bankynyň üsti bilen ýeňillikli karz ugry açylýar.

Öndüren oba hojalyk önümini döwlet satyn alyş nyrhlaryndan ýerlemek barada şertnama baglaşan önüm öndürijiler bilen hasaplaşyklar kabul edilip alnan önümiň arassa agramy boýunça- bellenen döwlet satyn alyş nyrhlaryndan geçirilýär, tohumlyk önümler üçin bolsa - tohumlaryň arkalary boýunça satyn alyş nyrhlaryna bellenilen goşmaça tölegleri göz öňünde tutmak bilen geçirilýär.

Oba hojalyk önümleri üçin tölegler taýýarlaýjy kärhanalar tarapyndan berlen töleg tabşyrygy, önüm öndürijileriň- kärendeçileriň oňa goşulan sanawy (mundan beýläk-önüm öndürijileriň sanawy) we önümleri kabul ediş resminamasy esasynda önüm öndürijileriň karz edaralaryndaky hasaplaşyk hasabyna serişdeleri doly möçberde nagt däl görnüşinde geçirmek arkaly amala aşyrylýar.

Önüm öndürijileriň sanawynda olaryň ady (kärhananyň ady ýa-da şahsyň ady, atasynyň ady, familiýasy) tabşyran önüminiň görnüşleri boýunça mukdary, tölege degişli puluň umumy möçberi, önüm öndüriji bilen baglaşylan şertnamanyň hem-de önümi kabul ediş resminamasynyň belgisi, senesi görkezilýär.

Töleg tabşyrygy we oňa goşulan önüm öndürijileriň sanawy taýýarlaýjy kärhanalar tarapyndan degişli karz edarasyna 4 (dört) nusgada tabşyrylýar.

Önüm öndürijileriň sanawynyň her sahypasynda tabşyrlan önümiň görnüşleri boýunça mukdarynyň we pul möçberiniň jemi hasaplanyp görkezilýär hem-de oňa taýýarlaýjy kärhananyň başlygynyň, baş hasapçysynyň gollary bilen güwä geçilýär we ol kärhananyň möhri bilen tassyklanylýar.

Töleg tabşyrygy we oňa goşulan önüm öndürijileriň sanawy karz edarasy tarapyndan kabul edilip, düzgüne laýyklykda dogry resmileşdirilendigi barlanylandan soň, önüm öndürijileriň sanawynyň her sahypasy karz edarasynyň jogapkär işgäriniň goly we möhürçesi bilen tassyklanylýar. Resminamalaryň nusgalary taýýarlaýjy kärhanalara, önüm öndürijilere hyzmat edýän karz edaralaryna, daýhan birleşiklerine we taýýarlaýjy kärhanalara hyzmat edýän karz edarasyna berilýär.

Önüm öndürijilere hyzmat edýän karz edarasy gelip gowşan pul serişdelerini önüm öndürijileriň sanawyna laýyklykda önüm öndürijileriň karz edaralaryndaky hasaplaryna geçirýär.

Önüm öndürijileriň karz edaralaryndaky hasabyna gelip gowşan pul serişdeleri olaryň önüm tabşyrandygy baradaky resminamasynyň ( pasport maglumatlarynyň) önüm öndürijileriň sanawy bilen deňeşdirilmegi esasynda bellenen tertibe laýyklykda ulanylýar.

Pagtanyň el bilen ýygymy üçin hakujy tölegleri pagta kabul ediş namasy esasynda geçirilýär.

Arpa garnuwy 15 göterimden ýokary bolan bugdaý däne gatyşygy hökmünde kabul edilýär we onuň üçin töleg önümiň düzümindäki däneleriň möçberine laýyklykda bellenen nyrhlardan geçirilýär.

12. Önüm öndürijileriň hasaplaşyk hasaplaryna gelen serişdelerden tölegleri geçirmek aşakdaky tertip boýunça alnyp barylýar:

ilkinji nobatda kärendeçileriň girdejileriniň nagt görnüşinde berilmegi, bank kartlaryna geçirilmegi ýa-da olaryň islegleri boýunça karz edaralaryndaky goýum hasaplaryna geçirilmegi;

önüm öndürijiler bilen geçirilýän hasaplaşyklar boýunça kärendeçilerden hakyky tutulan serişdeleriň möçberinde pensiýa we saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy üçin;

ýerli býujete 1 gektar ýer üçin 0,60 manat we 1 gektara berilýän suw üçin 0,40 manat;

bank karzy, göterimi we bank hyzmaty üçin;

önüm öndürmek boýunça edilen hyzmatlaryň we alnan haryt-maddy gymmatlyklaryň bahasynyň karz ugrundan tölenilmän galan bölegi (senenama nobatyna görä) üçin.

13. Daýhan birleşiginiň hasaplaşyk hasabyna kärendeçileriň umumy girdejilerinden geçirilýän we gelýän beýleki serişdelerden tölegleri geçirmek “Salgytlar hakyndaky” Türkmenistanyň bitewi Kanunyna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

14. Daýhan hojalygy we şahsy tarap (mülkdarlar, kärendeçiler) bolup durýan önüm öndürijileriň hasabyna gelýän serişdelerden bank karzy, salgytlar, ýygymlar we hyzmatlar boýunça hasaplaşyklar geçirilenden soň, hasaplarynda galýan pul serişdeleri nagt görnüşinde berilýär, bank kartlaryna geçirilýär ýa-da olaryň islegine görä karz edaralaryndaky goýum hasaplaryna geçirilýär.

15. Şu Tertip bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.